Çagalar üçin Mukaddes Kitaby

hödürleýär





# Nuh we Sil

Ýazan: Edward Hughes

Şekillendiren: Byron Unger; Lazarus Alastair Paterson

Adaptirlenen: M. Maillot; Tammy S.

Terjime eden: Christian Lingua

Alyp baran: Bible for Children
www.M1914.org

©2024 Bible for Children, Inc.
Ygtyýarnama: Siziň bu hekaýany nusga almana we çap etmäne hukugyňyz bardyr, ýöne satuw üçin däl.

Nuh öz döwürdeşleriniň arasynda dogruçyl hem takwa adamdy. Başga adamlar bolsa Hudaýyň Sözüni halanokdylar we diňlemeýädiler. Hudaý Nuha şeýle diýdi: “Men bu zulum dünýäni ýok etjek. Ýöne diňe seniň maşgalaň halas bolar”.





Hudaý Nuha ägirt uly siliň boljakdygy we onuň bütin ýer üstüni basyp aljagyny aýtdy. “Özüňe serwi agajyndan bir gämi ýasa hem maşgalaň hemde haýwanlar üçin” - diýip Nuha buýruk berdi. Hudaý Nuha takyk görkezme berdi. Nuh gaty meşguldy!





Haçanda Nuh adamlara näme sebapli gämini gurýandygyny aýdanda, adamlar onuň üstünden gülüp başladylar. Nuh gämini gurmana dowan etdi. Ol adamlara Hudaýyň barlygy hakynda hem aýdyp berýärdi. Ony hiçkim diňlemedi.

Nuhyň ygtykady, ymany gaty ulydy. Ol Hudaýa imandy, emma welin o ýerlerde ýagyş asla ýaganokdy. Tizden gämi taýyn boldy.



Haýwanlar gelip başladylar. Hudaý käbir görnüşleriň ýedi sanysyny, käbirleriň iki görnüşinden gämä getirdi. Uly-kiçi guşlar, her dürli haýwanlar zordan gämä mündiler.



Haçanda Nuh haýwanlary gämä salanda, megerem, adamlar Nuhyň üstünden gülüp, gygyryp onuň göwnüne degdiler. Olar Hudaýa garşy gidip günä etmänini goýmadylar. Olar gämä girmäne isleg bildirmediler.





Ahyr soňy, hemme haýwanlar we guşlar gämidedi.

“Gel, gämä mün” diýip Nuha Hudaý aýtdy. “Sen we seniň maşgalaň.” Nuh, onuň ogullary, aýaly we gelinleri silden gutulmak üçin gämä mündüler. Onsoň Reb gäminiň gapysyny ýapdy!


Soň ýagyş
ýagyp başlady.
Sil ýer ýüzünde kyrk
gije gündizläp
ýagdy.



Suw gitdigisaýy joşdy we gämi ýerden ýokary göterildi. Haçanda ýagyş gutaranda ýer ýüzündäki bar belent daglar-da suwuň aşagynda galdy. Ýer ýüzünde hemme zat ýok boldy.



Haçanda suw göterlip başlanda, gämi ýüzüp başlady. Megerem, gäminiň içi garaňkydy, çarkandaklydy, hatda gorkunçdam. Ýöne gämi Nuhy silden gorady.



Bäş aýdan soň, Hudaý yssy şemaly ugratdy. Ýuwaş-ýuwaşdan Gämi Ararat dagynyň beýikliginde saklandy. Nuh gäminiň içinde ýenede kyrk günläp galdy.

Nuh bir garga bilen kepderini gäminiň penjeresinden uçurup goýberdi. Kepderi ýer ýüzünde gury ýer tapman Nuhyň ýany gaýdyp geldi.

Bir hepdeden soň Nuh ýenede synanşyp gördi.



Kepderi bu gezek agzynda zeýtun agajynyň täze ýolnan ýapragy bilen gondy. Nuh suwuň ýerden çekilendigine göz ýetirdi, çünki indiki hepde kepderi yzyna gonup gelmedi.

Hudaý Nuha gämini terk eder wagtyň gelendigini aýtdy. Hemmeler, Nuh we onuň maşgalasy haýwanlary gämiden düşürip başladylar.





Nuh özini örän hoşal duýdy. Ol özine kilise gurup, onuň özini we maşgalasyny suw almadan halas eden Hudaýa boýun egdi.



Hudaý Nuha ajaýyp wada berdi. Mundan beýläk Ol ýerýüzüne suw basmany, adamlryň günäsini jezalandyrmak

üçin hiçhaçan ugratmajagyny söz berdi. Hudaý özüniň sözberenligi barada ullakan ýatlama berdi.

Nuh we onuň maşgalasy suw almadan soň täze başlamalara başladylar. Wagtyň geçmegi bilen onuň nesilleri bütin dünýäni göçüp aldylar. Hemme halklar Nuh we onuň çagalaryndan dünýä indiler.



# Nuh we Sil

Hekaýa Hudaýyň Sözi, Mukaddes Kitap barada,

ýerleşýän yeri

Gelip çykyş 6-10

“Siziň girizmä  salan Sözleriňiz ýagtylyk şöhlesi ýalydyr.”  Zebur 119:130


Soňy

Bu Mukaddes Kitabynyň taryhy bize gudratly Hudaýymyz barada, bizi döredenligi barada we biziňem Ol hakynda bilmegimizi isleýänligi hakynda aýdyp berýär.

Hudaýjan biziň ýaman işleri etýänligimizi bilýär we oňa günä diýip at berýär.  Günäniň jezasy ölümdir, ýöne Huday bizi nahili güýçli söýýär, Ol Öz yeke-täk ogluny, Isany, haçda ölmek üçin we biziň eden günälerimizi saplamak üçin dünýä indirýär.  Ölümden soň, Isa (Iisus) ýenede direlip we öz öýüne, Jennede gaýdyp barýar.  Egerde siz Isa iman etýän bolsaňyz we Ondan günäňizi geçmegini dileýän bolsaňyz, Ol ony hökman eder!  Ol geler we siz bilen siziň durmuşyňyzda ýaşar we siz hem Ol bilen baky ömürlik ýaşarsyňyz.

Eger siz bu hakykada ynanýan bolsaňyz, onda o hakynda Hudaýa şeýle ýüzleniň: Eziz Isa, Senin Hudaýlygyňa we Seniň adam bolup meniň günälerimi saplanyňy we häzir Sen ýenede diri ýaşaýanlygyňa ynanýan.  Haýyş, meniň durmuşyma gir we meniň Seniň bilen täze durmuşa başlamagym üçin we bir gün Seniň bilen baky ömürlik bile bolmak üçin meniň günälerimi geç.  Maňa Seniň sözüňe boýun bolmana we Seniň perzendiň ýalak bolup ýaşamana kömek et.  Omyn.

Mukaddes Kitaby okaň we Hudaý bilen gürleşiň.   Ýohanna 3:16
Hudaý dünýäni örän söýendigi sebäpli Özüniň ýeke-täk Ogluny berdi.  Ol muny Ogluna iman edenleriň hiç biri heläk bolman, baky ýaşaýşa gowuşmagy üçin etdi.